***Matematika durmuşymyzyň islendik ugrunda hasaplamalary amala aşyrmaga, ölçemäge mümkinçilik berýär. Her bir işiň talabalaýyk bolmagynda matematika ylmynyň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin ösüp gelýän ýaş nesliň matematika babatynda düşünjeli, bilimli bolmagy döwrüň talabydyr.***

Matematika ylymlaryň açary diýip ýöne ýerden aýdylmaýar. Matematika gündelik durmuşymyzyň her pursadynda ulanylýar. Matematika diýseň gyzykly we jadyly ylymlaryň biridir. Bu ders boýunça sapak wagtynda alan bilimleri çuňlaşdyrmakda, dünýägaraýyşlary giňeltmekde, şeýle-de ylymda gazanylan täzelikler bilen tanyşdyrmakda, dersara baglanyşyklary ýola goýmakda we hünäre gönükdirmekde synpdan daşary işleriň möhüm ähmiýeti bardyr.

Bu günki gün ylmyň, tehnikanyň güýçli depginde ösýän döwründe matematikany çuňňur öwrenmegiň zerurlygy has artdy. Bu bolsa matematika dersiniň çuňňur öwredilmegini talap edýär. Aslynda, takyk bilimler ýaşlaryň pikirleniş ukybyny ösdürýär. Şonuň üçin okuwçylarda matematika dersini öwrenmäge höwes döretmek zerur bolup durýar. Şu jähetden matematika dersinden synpdan daşary geçirilmeli işleri talabalaýyk guramak hem häzirki wagtda zerur meseleleriň biri bolup durýar.

Synpdan daşary işler okuwçylaryň sapakdan boş we olar üçin amatly wagtda geçirilýär. Oňa matematika dersi bilen gyzyklanýan okuwçylar gatnaşýarlar. Gurnakda sapakdan daşary giň möçberde maglumatlary öz içine alýan gyzykly meseleler çözülýär. Mundan başga-da, matematikada çalt hasaplamalar, logiki meseleler öwrenilýär. Matematika dersine okuwçylaryň höwesini artdyrmak üçin adaty däl sapakda gyzykly ýumuşlary, meseleleri, tapmaçalary çözdürmek hem netijeli bolup durýar.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ýokary derejede ösmegi üçin ähli şertleri döredip, biz – mugallymlara döredijilikli işlemegiň aýdyň ýollaryny görkezýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Babanyýaz JORAÝEW,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026